# Sen diñe aýlyk alýañ, ýitirjek zadyñ barmy!

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 22 января, 2025
Sen diñe aýlyk alýañ, ýitirjek zadyñ barmy! SEN DIÑE AÝLYK ALÝAÑ, ÝITIRJEK ZADYÑ BARMY!




Dünýä taryhyna ser salanyñda, suwuñ töwereginde jemlenen jemgyýetleriñ döwletleşme prosesinde diýseñ üstünlikli netijeleri gazanandygyny görmek bolýar.
Akar suwlaryñ peýdalanmaga amatly ýagdaýyna getirilen ýerlerinde alysdaky halklar bilen gatnaşyklary güýçlendiren deñiz kenarlary jemgyýetleriñ özleri üçin gerekli önümçiligi artykmajy bilen üpjün edipdir. Bu artykmaçlyk daşarky söwda ýoly arkaly göze ilipdir. Turuwbaşdan heniz hiç kimiñki däl wagty eýelemek ýoly arkaly öz hasaplaryna geçirilwn edilen bu ýerler, başga halklar üçin ugrunda uruş turzup biljek ýerler hökmünde görlüpdir. Muña garşylyklaýyn, bu ýerleri elinde saklaýanlar olary goramak üçin goranyşa üns berip, bilelikde hereket etmegiñ we döwletleşme prosesine giripdir. Çünki kynlyk bilen öndüren önümlerini we özlerini goramak üçin käbir emel-tilsimleri oýlap tapanlarynda amatly ýerde şäher gurmaly we guran şol şäherlerinde bir ýere jemlenmeli boldular. Bu güýçlendirilen şäherler ähli taýpalaryñ bir ýere üýşüp, ýeke-täk merkeziñ goragy astyna girmegini üpjün etmelidi, şeýlelik bilen merkezi güýçlere garşy bir bitewi güýç ýaly bolup görünen taýpa serdarlary kem-kemden taryhyñ gatyna girmelidi.

Umumy bähbitleri nazara alyp, bir bitewi millet hökmünde hereket etmegi öwrenen kowumlar güýçlenip şäherlerini gorapdyrlar, diňe ekerançylyk önümlerini däl, bazar ýerleri arkaly söwda-satyklaryny-da artdyrypdyrlar. Taryhda Ýewropanyň bol suwly derýalary we uly portlary häzirem ähli at-owazasy bilen dowam edýän şäherlere ýer bolup hyzmat eden bolsa, ekerançylyga oňaýsyz Arabystan çölleri-de taýpalaryň mekany bolup hyzmat edipdir.
Diýmek, jemgyýeti jemgyýet edýän iň möhüm faktorlaryň başyny önümçilik çekýär. Döwlet bolmagyň düýp maksady bu önümçiligiň dowamlylygyny üpjün etmekdir. Bärde birinji bolup ýada düşýän zat basybalyjy güýçlere we terrorçylara garşy ýurt bütewiliginiň goralmagy, bolýan birtopar hadysalaryň söwda-satyga ýaramaz täsirini ýetirmezligi üçin öňüni alyş çäreleriniň geçirilmegidir. Önümçiligiň dowamlylygy taýdan ýaragly goranyşa çenli möhüm bolan başga bir mesele-de ykdysadyýetiň dolandyryşydyr. Ýagny ykdysady dolandyryş gorag dolandyryşynyň bir parçasydyr. Döwletler harby çozuşlarlar bilen birlikde, ykdysady hüjümlere-de uçrap bilerler. Döwlet bolmagyň maksady-da bular ýaly hüjümleri yza serpikdirmek, hatda özüni batyrynyp bilmezler ýaly derejä ýetirmekdir. Raýatynyň öndürýän önüminiň gymmatyny goramaýan hökümet milli goranyş manysynda emelsiz, geleňsiz hökümetdir. «Sen diňe aýlyk alýaň, ýitirjek zadyň barmy?» diýen hökümet döwletiň nämedigini bilmeýän hökümetdir. Raýatynyň aýlygyny goramak, ýerini goramak hem şonuň bilen bir zatdyr.
Aýşe SUJU.

«SÖZCÜ» gazeti, 20.12.2021 ý. Publisistika